# Eýranly küştçüler halkara ýaryşda bürenjeksiz çykyş etdiler

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýranly küştçüler halkara ýaryşda bürenjeksiz çykyş etdiler
EÝRANLY KÜŞTÇÜLER REŽIME «ÝUMRUK ÇENEDI»: **HALKARA ÝARYŞDA BÜRENJEKSIZ ÇYKYŞ ETDILER**




*Almatyda geçirilen ýaryşda iki oýunçy bürenjeksiz çykyş edip, režime garşylyk görkezdi.*
*Sara Hadym Gazagystanyñ Almaty şäherinde geçirilen FIDE-niñ Küşt boýunça dünýä çempionatynda bürenjeksiz bäsleşýär* ***(Reuters)***
Eýranly iki küştçi halkara ýaryşda bürenjeksiz çykyş edip, ýurtlarynyñ kanunlaryna ýumruk çenedi. Munuñ özi yslamy geýniş düzgünlerini bozandygy öñe sürlen ýaş gyzyñ tussag astyndaky ölüminden soñ görkezilen ýokary profilli protest boldy.
Fotosuratlarda Sara Hadymyñ we Atousa Purkaşiýanyñ şu hepde Gazagystanyñ Almaty şäherinde geçirilen FIDE-niñ Küşti çalt oýnamak boýunça dünýä çempionatynda Tähran režiminiñ häkimiýet başyndaky ruhanylaryñ mejbury talaby bilen atdyrylýan bürenjeklerini atynman ýaryşa çykandyklaryny görmek bolýar.
Olaryñ ikisi-de fotosuratlarda bäş güne çeken bäsleşikde çykyş eden wagtlarynea küşt tagtasynyñ başyna kelleaçyk çykýar.
Dünýäniñ öñüne adam geçirtmeýän norwegiýaly küştçi çempiony

Magnus Karlseniñem gatnaşan ýaryşy aýdymçylaryñ, tansçylaryñ, hor. ansambllarynyñ we ýerli pop toparynyñ çykyş eden 90 minutlyk ýokary derejeli açylyş dabarasy bilen bat alypdy.
Eýrandaky gapma-garşylyk paýtagt şähere gezmäge gelende bürenjegini talabalaýyk atynmandygy bahana edilip saklanan 22 ýaşly kürt gyzy Mahsa Amininiñ tussag astynda ölmegi bilen başlapdy. Hepdeläp dowam eden demonstrasiýalar, gijelerine üçeklerden zyñylýan bannerler, režimiñ žandarma nokatlaryny nyşana alýan we beýleki nägileçilikli hereketler režimi sarsgyna saldy. Eýranyñ Adam hukuklary boýunxa aktiwistleriniñ Habarlar agentliginiñ (Hrana) habar bermegine görä protestlsr döwründe birnäçe ýaş oglan-gyzlar bilen birlikde azyndan 500 adam režim güýçleri tarapyndan öldürildi.
Sara Hadym Şeria diýlip tanalýan 25 ýaşly Hadym Eýranyñ bäsleşikçi küşt dünýäsinde lowurdaýan göz gamaşdyryjy ýyldyz bolsa-da, onuñ ygtyýarlylar bilen arasy öñdenem öwerlikli däl.
Ol 2020-nji ýylda Milli ýygyndy topary taşlanam bolsa, soñ topara täzeden goşulypdy. Hadym Almatyda dört oýunda utup, üç oýnunda utuldy, bir oýnuny-da deñe-deñ tamamlady.



*Atousa Purkaşiýan*
34 ýaşly Purkaşiýan bolsa alty gezek Eýranyñ çempiony boldy. Purkaşiýan ýaryşynyñ başky iki gününde bäş gezek ýeñiş gazandy, bir gezek utuldy, iki gezegem deñ-deñ boldy.
Olaryñ ikisi-de tähranly çempionlar we ýurduñ içinde-de, daşynda-da birnäçe gezek küşt ýaryşlarynyñ ýeñijisi boldular. Ikisi hem Almatyda özlerini alyp baryşlary hakda jemgyýetçilige beýanat bermedi ýa-da bürenjeksiz fotosuratlaryny sosial mediýa hasaplarynda paýlaşmady. Olaryñ bu «ýumruk çeneme» hereketleri hakdaky habarlar Eýrandaky

reformist gazetlerde we sport mediýasynda berilenem bolsa, reaksioner režimiñ tarapdarlarynyñ eýelik edýän habar beriş serişdeleri we beýleki mediýa organlary tarapyndan görmezlige salyndy.

Köp sanly oýunçy we tanymal adamlar halk köpçüligine açyk çärelerde we sosial mediýada mejbury bürenjeguni atynman göründi. Şeýle-de, Tähran ygtyýarlylarynyñ Yslam Respublikasyna halkara sport ýaryşlarynda türbansyz wekilçilik etdiler.

Geçen hepdelerde Tährandaky dini diktaturanyñ garamagyndaky güýç ulanyjy gulluklar oktýabr aýynda Günorta Koreýadaky ýaryşda saçlary açyk ýagdaýda çykyş eden dagçy Elnaz Rekabiniñ öýüni ýykypdylar. Geçen aý ýaryşlara gatnaşan başga bir eýranly okçy Tähranda geçirilen baýrak gowşuryş dabarasyna bürenjeksiz gelipdu.

Eýranyñ Sport ministriniñ orunbasary Merýem Kazimipur geçen aý käbir zenan türgenleriñ «yslamy kadalara» ters hereket edendigini boýun alypdy, ýöne ol soñ şol türgenleriñ ötünç sorandygyny aýdypdy.

Borzu DARAGAHI,
halkara korrespondent / @borzou

Penşenbe 29.12.2022 ý. Publisistika